# Namys / poema

Category: Kitapcy,Poemalar
написано kitapcy | 22 января, 2025
Namys / poema

NAMYS

Ýagşy günleriň ýolunda
Müň sany ýaman ýatyr.
(Gündogar pähimi)

I.

Orakmy, aňňalmy,
Synnymy, keser,
Eýermi, gaňňamy,
Howutmy, çelek,
Şyhmütür, ätişgir, gyrkylyk, kepgir,
Iri göz elekmi, uşakgöz elek –
Haýsysy gerek?

Çekinmän baryber çaga-da bolsaň,
Arasynda ýeter saňa-da gezek.
Gopuzmy, sürpekmi, gurşunly kenek,
Ýa-da durşy bilen gurşundan kenek –
Haýsysy gerek?

Öýkeläp gaýtmarsyň gelin hem bolsaň,
Bolarsyň ol ýerde arzyly gonak.
Şatutdan darakmy, dagdandan darak,
Ýa-da garagaçdan? Haýsysy gerek?

Kepbäň bir burçunda – paltadyr teşe,
Beýleki burçunda – köpükdir sandal.
Sandalyň öňünde ak sakgal goja.
Hemmäniň dilinde: <<Ussam jan,
sag bol!>>

Gyzlar saçyn darap aýna bakanda,
Ýigitler jübtekli çürtende sakgal,
Atalar çarşakly harman atanda,
Dilinde: <<Ussam jan>>
Yslam jan, sag bol!>>

Garrylar gyrgyçly gyranda garpyz,
Awçylar gapanly tutanda şagal,
Gyzlar lebe basyp çalanda gopuz,
Dilinde: <<Yslam jan>>

Ussam jan, sag bol!>>
Gelinler ýalawly synnylar bilen
Halysyn kesende hemmeden ozal,
Açyk gözenekden kepbä seredip,
Diýerdi: <<Ussam jan>>
Yslam jan, sag bol!>>

Sag boluň güýjünden sag boljak bolsaň,
Şu günlerem ýaşar ýörerdi Yslam.
(Onda bizem seniň ýanyňa baryp,
Gyzlarmyza gopuz buýrardyk, ussam)

Arman, seniň ömrüň uzak bolmandyr.
Uzakmy, gysgamy – ikisem ýagşy.
Sag bolsuz ýaşalan ýedi müň ýyldan
Sag bolly ýaşalan
Ýeke ýyl ýagşy.

Il.

Yslam kyrk ýaşyny edýänçä tamam,
Ne ogly bolupdy,
Ne-de bir gyzy.
<<Şeýdip ýitäýermi Yslamyň yzy?>>
Diýip, asmanyna bakardy Yslam,
Emma onuň ady bolsa-da Yslam,
Yslamyna rehim etmezdi asman.

Bir geçisi bardy Yslam ussanyň.
Geçisini aýtdy Hudaý ýoluna.
Üç owlagy bardy Yslam ussanyň,
Üçüsinem aýtdy Hudaý ýoluna –
Perzent önmedi.

Sekiz towgy bardy Yslam ussanyň.
Sekizinem aýtdy Hudaý ýoluna.
Bir öküzi bardy Yslam ussanyň.
Öküzünem aýtdy Hudaý ýoluna –
Perzent önmedi.

Könesinem berdi Hudaý ýoluna,
Täzesinem berdi Hudaý ýoluna.
Dulunda gugaryp gor küýze galdy –
Küýzesinem berdi Hudaý ýoluna
Üç gyzy boldy.
Tutuş bir hepdeläp toý tutdy Yslam.
Dostlary goldady dostunyň toýun:
Biri galla berdi, birisi tüwi,
Biri düýe soýdy, birisi goýun.

– A-how, gulak salyň, perzendi ýoklar!
Aňsat eken perzent tapmagyň ugry.–
Diýip, Yslam ussa bälçige saldy, –
Hudaý halamaýar öküzi, sygry.
Çally küýze aýdyň Hudaý ýoluna,
Çally küýze! – diýip gülýärdi Yslam.
Walla jan, Hudaýyň düýe çalyna
Juda hormat goýýan bolmagy ahmal.

Gor küýzämi aýdan günümden beýläk
Dokuz aý, dokuz gün.. bolanda tamam,
Daňdanlar eşdildi üç gezek <<jäk-jäk>>:
– Kaka jan, salam!
– Kaka jan, salam!
– Kaka jan, salam!
Üçüsi üç ýerden:

<<Jäk, jäk, jäk..>>
Nebis diýen zadyň araçägi ýok,
Dördünji <<jäk-jäge>> garaşdym ýene,
Naýynjar ýylgyryp seretdi ene:
<<Wessalam!
Başga ýok!>>

Ine bizä şeýle üç gyzly bolduk! —
Diýip, Yslam ussa gülerdi lah-lah,—
Her küýzäň üç çaga boljagyn bilsem,
Iki küýzämi-de aýtmazmydym, wah!
Onda alty gyzly bolardym — diýip,
Gözlerini gypyp, bälçirýär Yslam.
— A-how, alty çaga oklary ýaly,
Jemaly towşandyr öýdýärmiň, ussam?

Diýip, her kim bir zat diýerdi oňa.
Olam hiç haýsyndan düşmezdi ejiz.
…Şondan bäri akja kepbäň içinde
On bäşin doldurdy üç bajy —
Üç gyz.

III.

Amanbike, Ogulbike, Aýbike —
Üçüsi üç ýerden dokaýar gulaç.
Gulaçlaň üstünde dört örüm saçlar
Her haýsy bir gulaç,
Bir ýarym gulaç.

Gijeler geçdikçe küjüler artýar,
Küjüler artdykça gylyçlar güt-güt.
Gylyçlar süýndükçe dartylar dartýar.
Dartylar dartdykça
Gulaçlar küt-küt.

Gulaçlar kesilýär, jerçiler çýşýär,
<<Men aljak! Men aljak!>>
Bir giden dawa.

Gulajyň bir küti Buhara süýşýär,
Bir küti Ürgenje,
Bir küti Hywa…

Yslamyň özi-de jerçidi ozal.
Hywany, Ürgenji söküpdi üç ýyl.
Soň diýdi özüne: <<Eý, Yslam samsyk,
Gaçgyl, başarmaýan käriňden gaçgyl.
Bu zamanda jerçil bolmakçy bolsaň,
Ilki bilen tilki bolmaly hökman.
Sende bolsa tilkiň ýokundysam ýok,
Seni goýun edip ýasapdyr ykbal!>>

Onsoň ussalygy başlapdy Yslam.
Ussalygna bolsa, hemmämiz belet.
(Çalgymy, çarşakmy, gyrgyçmy, çelek –
Haýsysy gerek?)

Indi bolsa bulaň bäşisem ussa.
Giden ussahana kepbäniň içi:
Biri ýumak sarýar, birisi küji.
Bir ýerde ýüňdarak, bir ýerde keji.
Biri palta ýasýar, birisi orak.
Ýeňil senagatmy,
Agyr senagat –

Biri çekiç urýar, birisi darak –
Haýsysy gerek?

Haýsy gerek bolsa geliber jerçi.
Harydyň gyt bolmaz indiden beýläk.
Haly, horjun bilen doldur Ürgenji,
Isle-de alyp geç Hindiden beýläk.

Tähranmy, Maşatmy,
Käbulmi, Termez,
Rummy, Çynma-çynmy,
Hindimi, hebeş –
Nirä äkitseňem ýüzüň gyzarmaz.

Haly bolmaz seniň halyňa meňzeş.

IV.

Üç bajy oturyp halyň üstünde
Üçüsi üç ýerden uranda darak
Ilki bilen gerek
Görmäge garak,
Yzy bilen gerek
Diňläne gulak.

Döşleriň üstüne
Saçlar ýaraşýar,
Saçlaryň astyna
Ýaraşýar döşler.
Döşleriň üstünde saçlar uruşýar,
Saçlaryň astynda uruşýar döşler.

Wah, hemme uruşlar şeýle bolsady!
(Ýaşasyn saçlaryň, döşleriň urşy!)
Döşler dört tarapa kowýar saçlary,
Saçlar ýene çozýar döşlere garşy.

Birdenem hemmesi ýaraşýan ýaly,
Darak gutaranda gutarýar söweş.
Indiki hüjüme garaşýan ýaly,
Döşler özün dürsäp,
Dem alýar ýuwaş…

Ondan soň başlanýar ýene bir uruş.
Bu uruş başgarak esgerleň urşy:
Ýaşasyn dünýäde şoň ýaly uruş –
Zähmetkeş synnylaň, keserleň urşy!

Ýetişibildigine
kesýärdi keser,
Ýetişibildigine
gyrýardy synny.
(Halynyň göbegin kesýärdi keser,

Halynyň galpagyn syrýardy synny.)

Galpaklar garyma taşlanýar ýene.
Ýene-de daraga ýapyşýar üçler.
Hälki ajap söweş başlanýar ýene:
Dört ýandan zabt edýär
Döşleri saçlar.

Daraklaň astynda zaňlaýar erşi,
Erişleň içinde güňleýär argaç.
Ürgençde kakylýan darak sesinden
Oýanýar Hojili,
Ýaňlanýar arkaç…

V.

Yslamyň elinden çekiç düşenok,
Gyzlaryň elinden düşenok darak.
Şonda-da kiçijik kepbäň içinde
Içmäge çal ýokdy, iýmäge çörek.

Üçler haly dokaýar –
Süýthor düşenýär.
Üçler guşak dokaýar –
Süýthor guşanýar.

Üçler gulaç dokaýar – baý bugdaý guýýar,
Üçler dolak dokaýar – baýlar dolanýar.
Üçler ýüpek çekýär – baý gyzy geýýär.
Şeýdip günler ötýär,
Aýlar dolanýar…

Işlese, otyrsa, dynç alsa, ýatsa –
Gyzlaryn görmese ynjalmaz ussa.
Ertir, öýlän, agşam –
günde üç gezek
Oraçaň gapysy açylar assa.
Diýer: “Armaweri, Amanbike jan!”
Diýer: “Armaweri, Ogulbike jan!”

Diýer: “Armaweri, Aýnabike jan!”
– Bar bol, kaka! – diýip seslener
üçler, –
Sen armasaň, biz armarys, kaka jan!

– Meniň arýan döwrüm geçendir indi!
Diýip, Yslam ussa güler jakgyldap. –
Meniň argynlygym takyk ýylynda
Edil takyk ýaly
uçdy wakgyldap.

Siz dünýä indiňiz towuk ýylynda!
Diýip, üçemleriň gaşyna geçer.
Ýassygyn tirsekläp, çaýyny içer.
Gyzlaryna bakyp guwanar Yslam,
Atasyna bakyp guwanar üçler.

…Bu gün ynha ýene öňküsi ýaly,
Gyzlarynyň gaşyna gelipdi ussa.
Halynyň üstünde otyrdy üçler
Göýä çugdamlanan üç sany desse.

Emma desseleriň reňki deň däl:
Ikisi gülgündi,
Birisi – solgun …
Gaýtalap gaýtalap soraýar ussa:
– Näme boldy, balam?
– Aýtsana, oglum!

– Ýok, ýok kak jan, hiç zat bolanok.
(Başga söz çykanok Amanbikeden).
Onsoň Aýbikeden, Ogulbikeden
Soraýar. Ikisem hiç zat bilenok.
Ýene-de gaýtalap soraýar Yslam:
– Näme bolýar, gyzym?
– Hiç zat, kaka jan…
– Näme bolýar, balam? Amanbike jan?!
Diýip, zar-zar aglap ýalbarýar ene.

– Ýok, ýok, ýok, eje jan, hiç zat bolanok!
Şol ozalky berýän jogaby ýene…

Sözle janym guzym, mydarym gyzym,
Sözle, dilleriňe bolaýyn gurban…
Ýa otuz enbiýa, ýa gyzyl ymam,
Ýa Şahym pukara, özüňden derman!

Diýip, Jemal eje bagryn paralap,
Gyzynyň daşynda urýardy perwaz.
Emma ne gyzyndan jogap bolýardy,
Ne-de ymamlardan çykýardy owaz..

Omaryň ýoluna üç tamdyr çörek,
Osmanyň ýoluna dört tamdyr çörek,
Enäniň ýoluna bäş tamdyr çörek,
Paýlap-paýlap unun gutardy ene,
Daşap-daşap köwşün tozdurdy ussa.
Ýöne welin şol çörekleň deregne
Artdy öýlerinde
ýene bir hassa.

Ýene bir gyz başyn ýassyga goýdy.
Misli orak kimin büküldi ene.
Käse-käse akýan gözüniň ýaşy
Indi çanak-çanak döküldi ýere.

Hersiniň derdine müň melhem etdi.
Emma ezizleri tapmady aram…
…Merediň yzyndan Oraza ýetdi,
Orazaň yzyndan ýetişdi Baýram.

Baýramyň yzyndan ýetişdi boş aý,
Boş aýam boş geçip, ýetişdi Gurban.
“Wah, seniň gurbanyň bolaýyn Gurban,
Alyp gelmediňmi balama derman?!”

Diýip, Jemal eje kyblasyn bakyp,
Akja namazlyga başyny goýdy.

Gurban bolsa gaýta hiňňillik dikip,
Düýe, goýun soýup … başyna gaýdy.

Gurbanyň guýrugna asylşyp Aşyr,
Aşyryň guýrugna tirkeşdi Sapar.
Saparyň yzyndan tirkeşler geldi –
Birem däl, ikem däl,
Dört sany çapar.

Biriniň elinde gawundyr garpyz,
Biriniň elinde bugdaýdan desse.
Biriniň elinde nar bilen üzüm,
Dördünjiň elinde hoz bilen pisse.

Emma dört güýçliräk bolara çemli.
Dermanyny tapyp bilmedi dörtler…

Nur saçyp takykdan towşana çenli,
Daň bilen armanly
ýumuldy dört göz…

VI.

Gök baýryň üstünde goşaja mazar,
Hersiniň başynda guşakly kerpiç…
Şol kerpiçler eräp ýere siňýänçä,
Başyn galdyrmady
kepbede çekiç,
Demini almady körükdir sandal,
Sesin çykarmady synnydyr darak.
Emma iki sany mähriban ýürek
Ses etdi
olaryň
baryna derek.

Goşalanyp gelen bu namart ölüm
Degdi olar üçin şeýle bir agyr,
Bagyr ýaşyn köňül dökse gözünden.
Köňül ýaşyn dökdi gözünden bagyr.

Ozal orak ýaly bükülen bolsa,
Indi toýnuk ýaly büküldi ene.
Gözýaş çanak-çanak dökülen bolsa,
Indi çelek-çelek döküldi ýere.

Üç gyrkylyk bilen iki keseri
Durşuna temmäkä çalyşdy ussa.
Basyp bilýän bolsa nahar gahary,
Gussany azajyk basmazmy tüsse?

Çekdi, ussa çekdi,
Ýene-de çekdi.
Temmäkiň reňki ýüzüne çykdy.
Beýewbar ahyrýet ýadyna düşüp,
Gorkuly gözlerin asmana dikdi.

“…Muhammet-resul hem senden bizardyr.
Bizar senden hem hudaýyň, çilimkeş..
Zelili diýr, işiň ahy-pygyndyr,
Jähennemdir seniň jaýyň, çilimkeş…”

– Jähennemdir seniň jaýyň,
çilimkeş!
Gaýtalady ussa. Hopugdy ussa.
Üç günläp agzyna almady çilim,
Dördülenji güni basdy
Ýene-de gussa:

– Çilimkeşiň jaýy jähennem bolsa,
Goý meni häp-häzir hopsun jähennem.
Belki jähennem hem arassarakdyr
Içine gan öýen loly jahandan!

Megerem, Zelili diýilýän şahyr
Heniz gören däldir meňkiçe zulum.
Meniň şu günüme düşäýen bolsa,
Atýany nas bordy, çekýäni çilim!

Diýdi-de ýasandy ýogyn bir çilim.

Burum-burum çykdy tüýnükden tüsse,
…Derdiň çilim bilen ýeňleýän bolsa,
Çekiber arkaýyn,
Çekiber ussa.

Dawalaşyp durma Zelili bilen,
Ol zulum-da gördi, ölüm-de gördi.
Ep-esli bar weli seniň-de derdiň,
Seniňkiden pes däl onuň-da derdi.

Ýedilenji ýylyň içidir indi –
Sesýetim beýläňde otyr ol bende..
Muhammet Rahymyň gazabna düşüp,
Gaty kän ömürleň
çyrasy söndi.

Bu dünýäniň derdi ýeke saňa däl,
Gaty kän ärlere uzatdy çilim.
Nirä baksaň tüsse üstüne tüsse,
Nirä baksaň zulum üstüne zulum.

Ýokarsy Ýolöten, aşagy deňiz,
Gaýrasy Hywadyr, ilersi Tähran –
Türkmen toparagynda asudalyk ýok,
Gara tüsse bilen dolupdyr sähram.

Çekiber çilimňi,
Çekiber, Yslam.
Goý, seniň tüssäňden garalsyn asman.
Belki ýerden çykýan tüssäni görüp,
Rehim eder iliň derdine Rahman.

Çekdi Yslam, çekdi,
Ýene-de çekdi.
Tüsse
Akmaýanyň süýdüni bukdy.
Rahman ýerden çykýan tüssäni görüp,
Muhammet Rahymy tagtyndan ýykdy.

Ýykdy-da, başga bir rahymy dikdi.
Emma rahymlardan bolmady rehim.
<<Doňzuň agy näme, garasy näme?>>
Rahymmy, Eminmi – bary bir tohum.

Birisi daşyndan, birisi içinden –
Hanlygyň üstünde tutaşdy söwda.
…Şo mahal kiçijik hüjräň içinde
Zelili hat ýazyp otyrdy Seýdä.

Ozalam ýollapdy iki güftary,
Taýýar bolup barýar ýene bir güftar…
Yslam ussa bolsa kepbäň içinde
Agzynda çilimdi, öňünde tüfdan.

Çekdi Yslam, çekdi,
Ýene-de çekdi.
Tüssäniň bir ujy lowh-kürsden çykdy.
Hywanyň hanyny ýykan rahman
Bu gezek Yslamyň hanyny ýykdy.

Yslamyň üçünji balasyn ýykdy.
Ýene-de başlandy şol öňki ahwal.
– Näme bolýar, balam?
– Hiç zat bolanok.
Ýene sowal, jogap.
Ýene-de sowal…

VII.

Iki balasynyň matamyn tutup,
Öýkenniň ýaryny ýitiren ene,
Üçünji derdine çydamak üçin
Ragbaty nireden taparka ýene?
Tapýardy ene.

Iki perzendiniň derdini çekip,
Sakgalny-saçyny agardan ata,
Üçünji derdine döz geljek bolsa,

Naçarlap, gözýaşyn dökmezmi käte?
Dökenok ata.

Şonuň üçin onuň atady ady.
Başgarak bir ady bolardy ýogsam.
Eý sen, baş egmezek ynsan zürýady,
Eg başyňy, ataň üstüne eg sen!

Şonuň üçin onuň enedi ady.
Özgeräk bir
ady bolardy ýogsam.
Eý, sen dyz epmezek ynsan zürýady,
Eg göwräňi, enäň üstüne eg sen.

VIII.

Balasyndan beter erese ata,
Atadanam beter eredi ene.
Günde ýetmiş gezek sorasa ata,
Iki ýetmiş gezek sorady ene:

– Balam, näme boldy?
– Hiç zat, eje jan…
– Bu nämäň nyşany!.. Aýtsana guzym!
…Üçler dogup-döräp
heniz hiç zady
Saklamasalarda eneden gizlin,

Iki gyz
Öz syryn açman ötüpdi.
Diňe Aýnajyga (ýagny, Aýbikä)
Açypdylar ony… Aýbike bolsa
Bagrynyň içinde gizläpdi mäkäm.

Indi bolsa ol syr,
Ol aýylganç syr
Aýbikäň özünem ýaplapdy ýere.
Gyzyl bägül ýaly pyşyrdawk ýürek
Çydam edip bilmän ol eýmenç syra,

Ýarylyp barýardy…
Ahyry diýdi:
“Gulak as, eje jan! Diňle, kaka jan!”
Aýbike gürledi. Olar diňledi.
Ikisem jyrkyldap, ýykyldy arkan…

IX.

Şondan soň
Goşaja mazaryň ýanda
Döredi üçünji, dördünji mazar.
Soň bäşe öwrüldi, (soňam milliona!)
Üstüniň ne daşy, ne ýazgysy bar.

Gündogary Ürgenç, gaýrasy tokaý,
Günbatary Jeýhun, ilersi hendek –
Gadym mazarlygyň çep goltugynda
Gamyş basyp ýatyr
Bäş sany tümmek.

Asyr ýarym bäri (ýok, ondanam kän!)
Derýaň zeýin emip ýatyrdy olar.
…Men-ä sorag bersem, olar sözlese –
Soragyň jogaby
Şeýleräk bolar.

Birinji mazar:

Üçleň ulusy men.
Amanbike men.
Maýsalyk öwrümde ordy bir bela.
Ogulbike bilen suwa gidipdik.
Gaýramyz tokaýdy. Çepimiz gala.

Kir ýuwup otyrdyk derýaň boýunda,
Jeňňellikden çykdy bir jübüt atly
Saçymyzdan süýräp, çekdi tokaýa…
Soň ýene kenara
Oklady gitdi.

Hanyň nökerimi,
Ogullarymy,
Ýa-da gezip ýören jellatmy olar –
Haýsy bolanda-da bellidi bir zat:
Köşküň süýdün emen
Ysnatdy olar.

Şondan soň üç aýlap
erkek telpegne
Seredip bilmedik… Görünse telpek,
Göýäki diýersiň, bir alahöwren
Bizi öz demine dartyp barýan dek –

Erkek göbekliden gaçyp gezdik biz.
Aňymyzy aldy bizowal zulum…
Köşk üçin ynsan däl,
diňe tendik biz.
Her demde müň zorluk, ýedi müň ölüm –

Zaman üçin
birje garynçgajygy
Ökjäň bilen basyp geçençe ýokdy,
Sende bagyr bardyr ýa ýürek bardyr,
Ýa-da namys bardyr öýdülenokdy.

Ýöne weli biz-de bagyr-da bardy,
Ar-namys-da bardy,
Ýürek-de, yşk-da..
Köşküniň üstünden han bolsa hanlar,
Bizem patyşadyk oraça-köşkde.

Oýnardyk, gülerdik, çapardyk bizem.
Gatnadardyk goňşy okaramyzy.
Käte söýen bolup,
kä söýlen bolup,
Kän bir duýmazdygam pukaralygy.

Söýüpdik, söýlüpdik.. Obaň içinden
Seçipdik-saýlapdyk ýigitleň gülün.

Ýene aňry gitse üç-dört hepdeden
Birimiz – çopanyň dulunda gelin,
Birimiz – neçjaryň dulunda gelin

Bolmalydyk…
Uýam – bugdaý oragna,
Men – üzüm bişerne belläpdik sähet.
Ynha indi bolsa halyň üstünde
Çugutdyryp otyr bir jübüt jeset.

Ne haly göründi gözlerimize,
Ne söýgi göründi, ne-de bir bägül.
Şeýdip paýaw boldy ar-namysymyz…
Dogul, Ogulbike, täzeden dogul!

Dogul, Amanbike täzeden dogul,
Ýalňyz ömrüň köýdi, dogul ýamaşgan!
Ýok, ýok,
beýdip doglup bilmersiň indi,
Indi seniňki däl
Saňa garaşýan!
Indi biziňki däl bize garaşýan!

Bu dert ýanymyzy ýaplady ýere.
Ýelmeşdik düşege misli bir ýelim.
Altyn-kümüş dilemedik Alladan,
Ölüm diledik…. diňe ölüm, ölüm…

Bizi kyn pursatda goldady Ajal,
Şu asuda jaýa getirdi idip…
Bagt diläp indiki nesillermize,
Ýeriň bagryn diňläp,
ýatyrys şeýdip…

Ikinji mazar

Ogulbike… Üçleň ortanjysy men..
Amanbike aýtdy maňa-da derek.
Şeýdip on altydan ätlän günümiz

Namysyň jebrinden Jaýryldy ýürek.

Göýä bedenmizden aýryldy ýürek.
Bolmaz mundan beter işi gaýtgynlyk…
Şeýdip ynha gyzyl kürte deregne
Başymyza gyzyl toprak atyndyk.

Bu topragyň – al kürtäniň astynda
Uzyn asyrlaryň ujundan gädip,
Geljek nesillere ýagşy gün diläp
Ýatypdyk,
ýatyrys,
ýatarys şeýdip…

Üçünji, dördünji mazar

“Üçleň ejesi men…
Jemal eje men!…”
“Üçleň atasy men…
Yslam ussa men!..
” Gülki gatyşykly, eýmenç bir owaz
Goşalanyp çykdy ýeriň astyndan:

“Ýeriň üstündäki gara külbeden
Ýeriň teýnindäki garaňky mazar
Has ýagşyrak eken, ýumşagrak eken…”
Başga ses çykmady.
Kesildi owaz.

Bäşinji mazar

Men Aýbike..
Şeýdip mahrum
bolduk biz
Amanbike bilen Ogulbikeden.
Kyrkyny sowmakak – ejemem gitdi.
Aşyn berdik – jyda düşdüm kakadan.

Bu derdi içine sygyryp bilmän,

Olar akylyndan üýtgedi kem-kem.
(Ýürege sygsa-da müň dürli hasrat,
Bu zeýilli hasrat sygmajak eken!)

Bäş günläp güzeri saklap ýatdylar.
(Onuň sebäbini duýmady hiç kim.)
Kakam aýpaltaly, ejem teşeli,
Dübläp
aýlandylar tokaýyň için.

Ne-hä oturdylar, ne-de ýatdylar.
Ne iýip-içdiler.. Ýedilenji gün
Jykyr-jykyr gülüp öýe geldiler..
Aý geçdi.. Gutardy ejemli gürrüň.

Soňam kakam gitdi..
Binamysmykam? –
Şondan soňa ýene ýaşadym uzak.
Sataşdy kyn günde bir garyp ýigit.
(Ölümden saklan-da şol bolsa gerek.)

Ýedi agtyk gördüm, bir çowluk gördüm.
Ýuwlugmy görmäge galanda üç aý –
“Indi besdir şunça göreniň” diýip,
Meni öz gujagna çagyrdy şu jaý.

Şondan bärem ine,
ýatyrys şeýdip.
Tümlikden gaýdypdyk.
Ýene-de tümlük.
Ýöne bu mekanda bir Adalat bar:
Ýetime-de deňlik,
Hana-da deňlik.

Dünýäni sarsdyran hanlaryň biri
Ýatyr o ýanymda pezzerdip murtun.
Onuň çep ýüzünde çäşerlip ýatyr
Bäş ýüz köýnek geýip
Mesirgän hatyn.

Uzyn süýnüp ýatyr Muhammet Rahym,
Egnin gysyp ýatyr Allaguly han.
Bu ýerde bir şaýa degmeýän eken
O ýerde goh turzan şeýle uly han.

Bizi har etse-de ýerdäki zulum,
Ýer astynda bizi deňledi Ajal…
Bir otag, bir eşik.. hemmä-de deňlik.
Şu deňlik ýokarda bolarka haçan?
Haçan? Haçan?

AWTORDAN

Şol deňlige ýetdik, Gadymy Ejem,
Bizi gaýgy etme, ýat sen arkaýyn..
Deňligistan edip ülkäniň için,
Doganystan etdik gumun, tokaýyn.

Türkmenistan dakyp
onuň adyna,
Uçmahystan etdik ýeriň arkasyn…
Görsediň bu döwrüň Amanbikesin,
Görsediň bu döwrüň Ogulbikesin –

Dünýäni aňk edip öz görki bilen,
Öz hukugy bilen, öz erki bilen,
Siziň ýaşyňyza –
on alty ýaşa
Ýetýärler ýüz arzuw,
Müň gülki bilen.

Ýag iýip,
ýüpegiň üstünde ýatyp,
Bal berseň, iýýärler ýa iýenoklar.
Gürrüň bersem agyr wakalar hakda,
Amanbike, Ogulbikeler hakda –
Kä ynanyp, kä-te ynananoklar.

“Ertekimi?” diýip soraýar gyzym.

Men diýýän: “Eý, gyzym,
Düýnki bü, düýnki!
Şu ajaýyp ülke seniňki bolsa,
Şu ülkäniň
Geçmişi-de seniňki!”

Ol diýýär: “Gorkýaryn, gorkýaryn, kaka!”
Men diýýän:
“Gorksaň-da gitmersiň gaçyp
Geljek günlermizi açmagyň üçin
Ilki geçmelisiň geçmişi açyp.

Diňe gijeligiň içinden geçip,
Gadyryn bilersiň ýagty gündiziň.
Geçmişiň hilesi, ölümleri-de,
Akyly-paýhasy, zulumlary-da
Seňkidir, seňkidir,
Seňkidir, gyzym…

Beýik Pyragy-da,
Seýdi-de seňki.
Görogly-da, Zöhre-Tahyr-da seňki.
Ýöne seniňkidir Garaçomak hem,
Göroglyň kempirem däldir iliňki.

Ozal duw-ak eken topragyň reňki.
Topragy gyzardan ganlar-da seňki.
Emirler-de seňki, hanlar-da seňki.
Hemmesi, hemmesi özümiziňki –
Meniňki, seniňki.
Hakydanyňky!

Olaryň ýagşysyn baýdak edinip,
Ýamanlaryn bolsa edinip sapak,
Nesilden-nesile alyp gitmeli.
Ýogsa bagyşlamaz bu Ene toprak,

Ýogsa rahatlanmaz bu Ata toprak –
Gadym enelermiz, atalarymyz.

(Ýeriň astynda-da
ýeriň üstüniň
Bagtyny arzuwlap ýatanlarymyz).

Düýne
ýadygärlik dikelderis biz
Ähli nesilleriň hakydasyndan.

…Ýagty bolsun siziň ýatan ýeriňiz!
Salam size Lenin hakykatyndan!

1980.

Kerim GURBANNEPESOW.

Poemalar